**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**— GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTAN BU GÜN BEÝIK TARYHY DÖWRE GADAM BASYP, GURMAK WE DÖRETMEK ÝOLY BILEN ÖŇE BARÝAR.**

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

# MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

2026-njy ýylyň 11-nji maýy

№ 37 (10479)

DUŞENBE



## Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň täze «Gadamly» gury ýük gämisini ýüzüşe goýbermek dabarasynda eden ÇYKYŞY

*(Türkmenbaşy şäheri, 2026-njy ýylyň 8-nji maýy)*

***Eziz watandaşlar!***
***Hormatly myhmanlar!***

Biz şu gün ýurdumyzyň Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy şäherindäki Türkmenbaşy Halkara deňiz portunda täze «Gadamly» gury ýük gämisini ýüzüşe goýbermek dabarasyna gatnaşýarys. Men siziň ähliňizi bu şatlykly waka bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn.

***Hormatly adamlar!***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ulag we aragatnaşyk toplumyny ösdürmek boýunça maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär. Ulag ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli döwrebaplaşdyrylýar. Türkmenistanyň ulag-logistika ulgamyny ösdürmek, milli deňiz pudagyny kämilleşdirmek maksady bilen, ýolagçy we ýük dolanyşygynyň möçberi yzygiderli artdyrylýar. Üstaşyr, halkara ýük gatnawlaryny has-da giňeltmek üçin netijeli işler alnyp barylýar. Gündogar — Günbatar, Demirgazyk — Günorta ugurlary boýunça halkara üstaşyr ulag geçelgelerini ösdürmekde Türkmenistanyň möhüm ornuny aýratyn bellemek isleýärin. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda täze demir we awtoulag ýollaryny, döwrebap Halkara howa menzillerini, Türkmenbaşy Halkara deňiz portuny öz içine alýan kuwwatly ulag-logistika ulgamy döredildi.

Bitarap döwletimiz ulag diplomatiýasyny yzygiderli ösdürip, halkara guramalar bilen netijeli gatnaşyklary alyp barýar. 2013-nji ýyldan bäri ýurdumyzyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan halkara ulag hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça 6 sany Kararnama kabul edildi. Bu möhüm Kararnamalar dünýä jemgyýetçiliginde giň goldaw tapdy. 2016-njy ýylda Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ulag ulgamy boýunça birinji ählumumy maslahaty ýokary derejede geçirildi. Şeýle hem ýurdumyzda ulag-logistika ulgamyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmäge bagyşlanan köp sanly halkara maslahatlar, sergiler we beýleki çäreler yzygiderli geçirilýär.

***Hormatly dabara gatnaşyjylar!***

Häzirki döwürde biz gadymy Beýik Ýüpek ýoluny döwrebap görnüşde dikeltmek ugrunda ähli tagallalary edýäris. Bu ugurda «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawody» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetinde hem netijeli işler alnyp barylýar. 2018-nji ýylda Gahryman Arkadagymyzyň ak pata bermegi bilen «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynyň işe girizilmegi ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny berkitmekde möhüm waka boldy. Häzirki wagtda bu zawodyň işi deňiz-derýa ulaglary pudagynyň ösüşine mynasyp goşant goşýar. «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodyna halkara derejede birnäçe şahadatnama gowşuryldy. Munuň özi döwrebap ýük gämileriniň gurluşyk işlerini alyp barmakda uly ähmiýete eýedir. Bu günki gün ýurdumyzda ýük gämisini gurmak boýunça netijeli işler durmuşa geçirilýär.

«Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynda gurlan «Gadamly» gämisi gury ýüklere niýetlenendir. Onuň ýük göterijiligi 6 müň 100 tonna deň. Häzirki zaman tehnologiýalary bilen üpjün edilen bu gämi her biri 20 tonnalyk 240 sany ýük konteýnerini daşamaga ukyplydyr. Gämigurluşyk taslamasyny amala aşyrmakda biziň hünärmenlerimiz koreýaly hyzmatdaşlar bilen bilelikde netijeli iş alyp bardylar.

***Hormatly adamlar!***

Koreýaly hyzmatdaşlarymyz bilen bilelikde ýerli hünärmenlerimiz tarapyndan şu ýylyň dowamynda ýük gämileriniň ýene biri — «Menzil» ýük gämisi hem ulanmaga berler. Ýurdumyzda ýük gämileriniň ulanmaga berilmegi milli deňiz-söwda flotunyň mümkinçiliklerini has-da giňeltmäge ýardam berer. Şeýle hem munuň özi Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň üsti bilen ugradylýan, ýurdumyza getirilýän we üstaşyr geçirilýän ýükleriň möçberini artdyrar. Şunuň bilen baglylykda, Hazarýaka döwletlere öz ýüzüşlerini amala aşyrjak bu gämileriň ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösmegine mynasyp goşant goşjakdygyna berk ynanýaryn.

***Hormatly adamlar!***
***Gadyrly dabara gatnaşyjylar!***

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Türkmenbaşy Halkara deňiz portunda «Gadamly» ýük gämisiniň ýüzüşe goýberilmegi bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn. Size berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýärin.

# ULAG-LOGISTIKA ULGAMYNDA TÄZE ÖSÜŞLER

***«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzyň sebitlerini durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasyndan gelip çykýan wezipelere laýyklykda Balkan welaýatynda sazlaşykly ösüş üpjün edilýär. Şunuň bilen baglylykda, 8-nji maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Balkan welaýatyna iş saparyny amala aşyryp, Türkmenbaşy şäherindäki «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynda täze gurlan «Gadamly» gury ýük gämisini ýüzüşe goýbermek dabarasyna gatnaşdy.***




Döwlet Baştutanymyz Balkan welaýatyna ugramak üçin paýtagtymyzyň Halkara howa menziline geldi we bu ýerden Türkmenbaşy şäherine tarap ugrady. Biraz wagtdan hormatly Prezidentimiziň uçary Türkmenbaşy şäheriniň Halkara howa menziline gondy. Bu ýerde Arkadagly Gahryman Serdarymyz mähirli garşylanyldy.

Hormatly Prezidentimiz bu ýerden Türkmenbaşy Halkara deňiz portuna tarap ugrady.

Medeniýet we sungat ussatlarynyň çykyşlary bu ýerde guralan dabara baýramçylyk öwüşginini çaýdy. «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynda täze gurlan «Gadamly» atly gury ýük gämisiniň ýüzüşe goýberilmegi mynasybetli ýaýbaňlandyrylan medeni-köpçülikleýin çäreler «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň şanly wakalarynyň many-mazmun taýdan has-da baýlaşmagyny şertlendirdi.

Bu ýerde hormatly Prezidentimiz täze gurlan gury ýük gämisini ýüzüşe goýbermek dabarasy mynasybetli çykyş etdi. Döwlet Baştutanymyz, ilki bilen, Türkmenbaşy şäherindäki Türkmenbaşy Halkara deňiz portunda täze «Gadamly» gury ýük gämisini ýüzüşe goýbermek dabarasyna gatnaşyjylary şatlykly waka bilen tüýs ýürekden gutlady.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynda gurlan «Gadamly» gämisiniň gury ýükleri daşamaga niýetlenendigini, onuň ýük göterijiliginiň 6 müň 100 tonnadygyny, häzirki zaman tehnologiýalary bilen üpjün edilen bu gäminiň her biri 20 tonnalyk 240 sany ýük konteýnerini daşamaga ukyplydygyny belledi. Gämigurluşyk taslamasyny amala aşyrmakda türkmen hünärmenleri koreýaly hyzmatdaşlar bilen bilelikde netijeli iş alyp bardylar.

Döwlet Baştutanymyz «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Türkmenbaşy Halkara deňiz portunda «Gadamly» ýük gämisiniň ýüzüşe goýberilmegi bilen hemmeleri tüýs ýürekden gutlap, ýurdumyzyň Deňiz we derýa ulaglary döwlet gullugynyň işgärlerine, hünärmenlerine berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri gazanmaklaryny arzuw etdi.

Soňra taryhy ähmiýetli wakanyň hormatyna guralan dabara gatnaşýan Koreýa Respublikasynyň «Koryo Shipbuilding Industry Technology» kompaniýasynyň prezidenti Çhwe Ýon Uka söz berildi. Myhman, ilki bilen, bu dabara gatnaşmaga döredilen mümkinçilik üçin hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Soňra Çhwe Ýon Uk «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynyň hem-de täze gurlan gäminiň ýokary inženerçilik çözgütleri we gurnama işleri üçin berlen halkara güwänamalary gowşurdy.

2

WATAN DIŇE HALKY BILEN WATANDYR!

# ULAG-LOGISTIKA ULGAMYNDA TÄZE ÖSÜŞLER

1

Soňra Fransiýa Respublikasynyň «Bureau Veritas Marine & Offshore» kompaniýasynyň menejeri Samat Kamalowa söz berildi. Myhman türkmen topragynda mähirli kabul edilendigi we bu çäreleriň guramaçylykly geçirilýändigi üçin hormatly Prezidentimize, Gahryman Arkadagymyza sagbolsun aýtdy. «Gadamly» gury ýük gämisiniň gurluşygynyň üstünlikli tamamlanmagy mynasybetli we täze gäminiň ýokary halkara görkezijilere laýyk gelýändigi nazara alnyp, ýörite güwänamalar gowşuryldy.




Soňra hormatly Prezidentimiz «Gadamly» gury ýük gämisiniň girelgesiniň ýanyna geldi. Bu ýerde döwlet Baştutanymyzy deňiz we derýa ulaglary işgärleriniň lybasyndaky çagalar şadyýan goşgulary bilen garşyladylar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz bagtyýar çagalara minnetdarlyk bildirip, olara sowgatlary gowşurdy. Çagalar çuňňur hoşallyklaryny beýan edip, hormatly Prezidentimizden özleri bilen ýadygärlik surata düşmegini haýyş etdiler. Döwlet Baştutanymyz çagalaryň haýyşyny kanagatlandyryp, olar bilen ýadygärlik surata düşdi.

Soňra Deňiz we derýa ulaglary döwlet gullugynyň başlygy A.Şanazarow hormatly Prezidentimize «Gadamly» gury ýük gämisiniň ýüzüşe doly taýýardygy barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty kabul edip, gury ýük gämisiniň gurluş aýratynlyklary we onda döredilen şertler bilen tanyşdy.

Gäminiň kapitany täze gäminiň gurluşygyna döwlet tarapyndan berlen hemaýat-goldawlar, öndürijilikli işlemek ugrunda döredilen mümkinçilikler üçin hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza Deňiz we derýa ulaglary döwlet gullugynyň ähli işgärleriniň adyndan çuňňur hoşallygyny beýan etdi.

Döwlet Baştutanymyz gäminiň kapitanyny täze gäminiň ýüzüşe goýberilmegi bilen gutlap, alyp barýan işlerinde mundan beýläk-de üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra gäminiň kapitany hormatly Prezidentimizden «Gadamly» ýük gämisini işe girizmäge ak pata bermegini uly hormat bilen haýyş etdi. Gäminiň kapitany Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ak pata bermegi bilen ýörite düwmäni basdy.

Şeýlelikde, gäminiň baş hereketlendirijisi işjeň ýagdaýa geçdi. Gäminiň zogunyň çalynmagy bilen deňizçilik ulgamynyň asylly däbi berjaý edildi. Bu bolsa asyrlar aşyp gelýän ýörelgeleriň häzirki döwrüň ruhuna kybap derejede ýerine ýetirilýändiginiň nobatdaky beýanydyr.

Döwlet Baştutanymyz ýene-de bir gezek hemmelere uly üstünlikleri arzuw edip, «Gadamly» gury ýük gämisinden düşdi. Bu ýerde aýdym-sazly çykyşlar ýaýbaňlandyryldy. Ministrler Kabinetiniň agzalary Arkadagly Gahryman Serdarymyzy we Gahryman Arkadagymyzy «Gadamly» gury ýük gämisiniň ýüzüşe goýberilmegi bilen gutladylar. Munuň özi ýurdumyzyň halkara ähmiýetli ulag geçelgeleriniň işjeň ulanylýandygynyň we ulag-logistika düzümlerinde alnyp barylýan işleriň yzygiderli kämilleşdirilýändiginiň nobatdaky aýdyň güwäsidir.

Hormatly Prezidentimiz «Gadamly» gury ýük gämisiniň ýüzüşe goýberilmeginiň ýurdumyzyň ähli ugurlarda, şol sanda halkara ähmiýetli üstaşyr ulag geçelgelerini ösdürmekde edýän tagallalarynyň aýdyň netijesine öwrülen taryhy wakadygyny belledi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz ýurdumyzda bu ugurda alnyp barylýan işleriň mundan beýläk-de dowam etdiriljekdigini aýtdy we hemmelere üstünlikleri arzuw edip, bu ýerden ugrady.

**«Mugallymlar gazeti».**

# ÖZGERTMELERIŇ ILERI TUTULÝAN UGURLARY

***8-nji maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzy, şol sanda Balkan welaýatyny durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň wezipelerine seredildi, şeýle hem käbir meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.***

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz täze kanun taslamalaryny işläp taýýarlamak we döwrebaplaşdyrmak işlerini yzygiderli alyp barmagyň, bu ugurdaky işleri dowam etdirmegiň möhümdigine ünsi çekdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow Balkan welaýatyny durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça şu ýylyň ýanwar — aprel aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň, şol sanda Balkan welaýatynyň durmuş-ykdysady ösüşini ýokarlandyrmak, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmak boýunça işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi. Hormatly Prezidentimiz wise-premýere şu ýyl göz öňünde tutulan maýa goýumlaryň öz wagtynda özleşdirilişini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary G.Agajanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew degişli ugurlarda Balkan welaýatynda alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, wise-premýerlere anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa Balkan welaýatyndaky medeniýet edaralarynyň işini kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Balkan welaýatyndaky döwrebap medeniýet merkezleriniň, kitaphanalaryň, muzeýleriň we teatrlaryň işini talabalaýyk guramak boýunça işleri dowam etdirmegiň, şu ýyl welaýatda geçiriljek Medeniýet hepdeligine gowy taýýarlyk görmegiň hem-de ony ýokary derejede geçirmegiň möhümdigini aýtdy. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere welaýatyň çäginde ýerleşýän taryhy-medeni ýadygärlikleri aýawly saklamak we giňden öwrenmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow ýurdumyzyň ylym, bilim, saglygy goraýyş, sport ulgamlaryny ösdürmegiň çäklerinde Balkan welaýatynda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzda, şol sanda Balkan welaýatynda hereket edýän bilim edaralarynda alnyp barylýan işleri kämilleşdirmegiň, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen, ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň işini döwrebap derejede guramagyň möhümdigine ünsi çekdi. Hormatly Prezidentimiz wise-premýere saglygy goraýyş edaralarynyň işgärleriniň hünär taýýarlygynyň ýokarlandyrylmagyna aýratyn üns bermegi, sport desgalarynyň işini talabalaýyk alyp barmagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow 2026-njy ýylyň dowamynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçiriljek halkara çäreler, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň işini kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, wise-premýer, daşary işler ministrine degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annaýew ulag we aragatnaşyk toplumynyň garamagyndaky ministrliklerde, döwlet gulluklarynda Balkan welaýatyny durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, halkara üstaşyr ulag gatnawlary üçin amatly şertleri döretmek arkaly ýurdumyzyň, şol sanda Balkan welaýatynyň logistik mümkinçiliklerinden doly peýdalanmagyň, Türkmenbaşy we Balkanabat Halkara howa menzilleriniň işini yzygiderli kämilleşdirmegiň, Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň işini talabalaýyk alyp barmagyň möhümdigini aýtdy. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz wise-premýere «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynda gämi-gurluşyk taslamalaryny yzygiderli durmuşa geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Balkan welaýatynyň häkimi H.Aşyrmyradowa söz berildi. Ol welaýatda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Balkan welaýatyny durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça kabul edilen maksatnamalaryň we maýa goýum taslamalarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegini üpjün etmegiň, welaýatyň ýaşaýjylarynyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak boýunça işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz häkime ilatyň arassa agyz suwy, elektrik energiýasy, tebigy gaz, ýaşaýyş jaýlary bilen üpjünçiligini has-da gowulandyrmak boýunça netijeli işleri alyp barmagy tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

## HOŞNIÝETLI HYZMATDAŞLYK

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda dünýä döwletleri bilen «Açyk gapylar» syýasatyny durmuşa geçirýär. Şunda ýurdumyz bilen Gruziýanyň arasyndaky ýola goýlan özara bähbitli hyzmatdaşlyk bellenilmäge mynasypdyr. 7-nji maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Gruziýanyň ykdysadyýet we durnukly ösüş ministri hanym Mariam Kwriwişwilini kabul etdi.***

Myhman türkmen topragynda mähirli kabul edilendigi üçin hoşallyk bildirip, Gruziýada Türkmenistan bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklara ýokary baha berilýändigini belledi hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, Gruziýanyň Prezidenti Mihail Kawelaşwiliniň we Premýer-ministri Iraklíý Kobahidzäniň hormatly Prezidentimize, Gahryman Arkadagymyza iberen mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Döwlet Baştutanymyz dostlukly ýurduň wekilini mähirli mübärekläp, Gruziýanyň ýolbaşçylaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de myhmanyň saparynyň dowamynda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-gruzin hökümetara toparynyň nobatdaky mejlisine gatnaşjakdygyny belledi.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, Türkmenistan Gruziýa bilen ýola goýlan gatnaşyklary ösdürmäge uly ähmiýet berýär. Ýurtlarymyzyň arasyndaky däp bolan dostlukly we netijeli gatnaşyklar deňhukuklylyk, özara hormat goýmak, ynanyşmak ýörelgelerine esaslanýar.

Döwlet Baştutanymyz söwda-ykdysady gatnaşyklary ilerletmekde Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-gruzin hökümetara toparynyň ornuna aýratyn ünsi çekip, toparyň nobatdaky mejlisiniň netijeleriniň bilelikdäki tagallalary birleşdirmäge ýardam berjekdigine ynam bildirdi. Şeýle hem söhbetdeşler medeni-ynsanperwer ulgamyň döwletara gatnaşyklary pugtalandyrmakda, halklary ýakynlaşdyrmakda hem-de medeniýetleri özara baýlaşdyrmakda uly ornuny bellediler.

**«Mugallymlar gazeti».**

# BAŞ MAKSAT — ÝURDUMYZYŇ ASUDALYGY

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň asudalygyny üpjün etmäge, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge gönükdirilen işler özüniň oňyn netijesini berýär. Şunuň bilen baglylykda, 6-njy maýda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynda şu ýylyň dört aýynda alnyp barlan işleriň netijelerine seredildi.***

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew çykyş etdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, döwletimiziň goranyş häsiýetli Harby doktrinasyna laýyklykda, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçlerini mundan beýläk-de ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi we bu babatda degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Baş prokuror B.Muhamedow, içeri işler ministri M.Hydyrow, Ýokary kazyýetiň başlygy B.Hojamgulyýew, milli howpsuzlyk ministri D.Meredow ýolbaşçylyk edýän düzümleri tarapyndan ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdiler.

Döwlet Baştutanymyz hasabatlary diňläp, degişli ýolbaşçylara anyk tabşyryklary berdi. Şunda ýurdumyzda kanunylygy pugtalandyrmak, düzgün bozulmalaryň öňüni almak boýunça işleri netijeli alyp barmagyň möhümdigi bellenildi. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda jemgyýetçilik tertibini üpjün etmegiň, ýol hereketiniň kadalarynyň, ýangyn howpsuzlygynyň düzgünleriniň berk berjaý edilmegine gözegçilik etmegiň, tomus möwsüminde howanyň gyzmagy bilen baglylykda, daşky gurşawy ýangyn howpundan goramak boýunça degişli taýýarlyk işlerini geçirmegiň zerurdygyny belledi. Mundan başga-da kanunylygy berkitmekde, kazylaryň hünär bilimini yzygiderli ýokarlandyrmakda, döwletimiziň howpsuzlygyny we milli bähbitlerini goramakda alnyp barylýan işleri netijeli dowam etdirmek boýunça tabşyryklar berildi.

Mejlisiň dowamynda ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy prokurorlary wezipä bellemek we wezipeden boşatmak hakynda Permana hem-de Karara gol çekdi.

Döwlet serhet gullugynyň başlygy I.Ilamanow döwletimiziň mukaddes serhetleriniň ygtybarly goralmagyny üpjün etmek, serhet goşunlarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň ozal beren tabşyryklaryny ýerine ýetirmek boýunça şu ýylyň dört aýynda amala aşyrylan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň döwlet serhediniň dost-doganlyk serhedi bolup durýandygyny aýtdy hem-de onuň goraglylygyny pugtalandyrmak, serhetçileriň hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmak boýunça zerur işleri geçirmegi tabşyrdy.

Adalat ministri M.Taganow hasabat döwründe milli kanunçylyk binýadyny häzirki döwrüň talaplaryna laýyk getirmek, raýatlara degişli hukuk kömegini bermek, ministrligi ösdürmegiň maksatnamasynyň wezipelerini üstünlikli ýerine ýetirmek boýunça alnyp barlan işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, kanunçylyk namalarynyň taslamalarynyň Konstitusiýamyza, hereket edýän kanunlara doly laýyk gelmegini üpjün etmegiň zerurdygyny belledi hem-de raýatlara kanunçylygy düşündirmek, hukuk kömegini bermek boýunça işleri dowam etdirmek babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýewiň hasabaty diňlenildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, gullugyň ýolbaşçysyna birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow mejlisi jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, halkymyzyň asuda hem-de bagtyýar durmuşda ýaşamagy ugrunda alyp barýan jogapkärli gulluklarynda uly üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

# BELENT ÜSTÜNLIKLERIŇ ŞUGLASY

***Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyz häzirki döwrüň beýik ösüşleri bilen öňe barýar. Ýurdumyzyň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak maksady bilen sazlaşykly işler ýola goýulýar. Türkmenistan döwletimizde jemgyýetiň ähli ulgamlarynda sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna we peýdalanylmagyna döwletiň durnukly ösüşiniň ileri tutulýan möhüm ugry hökmünde aýratyn orun berilýär. Bu ugurda milli ykdysadyýetimiziň ilerledilmegini gazanmakda esasy işler üstünliklere beslenýär.***




Hormatly Prezidentimiziň yzygiderli tagallalary netijesinde ýurdumyzyň sebitlerini hemmetaraplaýyn ösdürmek bilen baglanyşykly wezipeler döwletimiziň ykdysady syýasatynyň möhüm ugurlarynyň birine öwrüldi. Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň dürli sebitlerinde taryhy wakalar bolup geçýär, ägirt uly ösüşler gazanylýar. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzyň ähli künjegi beýik ösüşlere beslenýär. Mälim bolşy ýaly, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ak pata bermegi bilen Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynyň Ymambaba geňeşliginiň çäginde täze şäherçäniň düýbi tutuldy. Şeýle hem Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary — Türkmenabat bölegi açylyp ulanmaga berildi. Bu ýoluň doly derejede gurlup ulanmaga berilmegi gurluşykda we ulag-logistikasynda taryhy waka boldy. Ulag-logistikasy hakynda beýan edenimizde, ýakynda Balkan welaýatynda bolan taryhy wakalary hem bellemek gerek. Hormatly Prezidentimiz Türkmenbaşy şäherindäki «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynda täze gurlan «Gadamly» gury ýük gämisini ýüzüşe goýbermek dabarasyna gatnaşdy. Bu gury ýük gämisi türkmen hünärmenleri tarapyndan guruldy we iň döwrebap mümkinçiliklere eýe bolup durýar. Munuň özi sungaty, tehnologiýany, ulag-logistikany ösdürmekde täze mümkinçilikdir.

Durmuş-ykdysady taýdan ösüş, ilatyň abadançylygyny we welaýatlaryň ilatynyň durmuş derejesini ösdürmek, önümçilik pudaklaryny dolandyrmakda netijeliligi ýokarlandyrmak häzirki döwürde baş wezipelerdir. Döwletimiziň ýokary ösüşlere eýe bolýandygyny bellemek bilen, ýurdumyzda döredilýän döwrebap şertler durmuş-ykdysady ösüşi üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen, ýurdumyzda ulag-logistikasy, senagat, sanly tehnologiýalar üstünlikli alnyp barylýar. Bu babatda ýaş hünärmenleriň hem taýýarlygyny aýratyn bellemek gerek. Bu beýik hem-de çuňňur jogapkärli wezipe, ozaly bilen, biz — mugallymlaryň we professorlaryň çuňňur ylmy-usuly we tejribe taýýarlygyny talap edýär. Şundan ugur alyp, häzirki wagtda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ajaýyp eserlerinde beýan edilen pähimli jümleleriň ylym-bilimi öwrenmekdäki ähmiýeti barada aýratyn bellemek gerek. Bu ajaýyp kitaplar biziň her birimiz üçin gymmatly gollanmadyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň ykdysadyýetinde amala aşyrylýan işler häzirki zaman ylmyny we tehnologiýasyny ösdürmekde uly ähmiýete eýe bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň yzygiderli alyp barýan ylmy taýdan esaslandyrylan ykdysady strategiýasy möhüm wezipeleri üstünlikli çözmegiň wajyp şertini emele getirýär.

**Baba MYRATBERDIÝEW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň başlygy.**

# RÖWŞEN GELJEGIMIZIŇ BINÝADY

**Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Watanymyzyň gülläp ösmegine gönükdirilen beýik işler netijesinde belent üstünlikler gazanylýar. Hut şu nukdaýnazardan, eziz Diýarymyzyň, mähriban halkymyzyň abraý-mertebesi, şan-şöhraty has-da ýokarlanýar. Ýurdumyzda gazanylýan ösüşler, ýetilýän belent sepgitler ähli halkymyz bilen birlikde, biz — bilim işgärlerini hem aýratyn buýsandyrýar. Döwletimiz bilim özgertmeleri amala aşyrmakda, ýaşlaryň dünýä derejesinde bilim almaklary babatda uly mümkinçilikleri döredýär.**

Bilim özgertmeleri diňe bir şu günümizi däl, eýsem, röwşen geljegimizi üpjün edýär. Adamzadyň iň ajaýyp sypatlaryny özünde jemleýän nesilleri kemala getirmek, olary milli ruhda terbiýelemek mugallymlaryň baş maksady bolup durýar. Munuň özi berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegini üpjün edýän iň zerur şertleriň hatarynda durýar. Döwletimizde bu ugurda durmuşa geçirilýän işler ýaşlarda watansöýüjilik, ynsanperwerlik duýgusynyň oýanmagyna, döwletimiziň pajarlap ösmegine, halkymyzyň bagtyýar, abadan durmuşyny üpjün etmäge, agzybirligimiziň we jebisligimiziň pugtalandyrylmagyna ýardam edýär.

Ýurdumyzyň her bir raýaty hakyndaky alada asylly ýörelgä öwrülip, şeýle beýik işler hormatly Prezidentimiziň il-ýurt bähbitli syýasatynyň özeni bolup durýar. Halkymyz ýurdumyzyň bedew batly ösüşine goşant goşup, bagtyýar durmuşda döredilýän mümkinçilikleri duýup ýaşaýar. Bularyň ählisi Watanymyza bolan beýik buýsanjymyzy goşalandyrýar, ýagty ertire bolan ynamymyzy pugtalandyrýar.

Häzirki wagtda bilimli, kämil, hakyky watançy ýaşlary terbiýelemek asylly maksadymyzdyr. Bu babatda ýaşlaryň arasynda geçirilýän wagyz-nesihat işleri zehinlileri ýüze çykarmaga, ýaşlaryň döredijilige, sungata bolan höwesini artdyrmaga, olary watansöýüjilik, ýokary ahlaklylyk ruhunda terbiýelemäge ýardam edýär. Bu ugurda geçirilýän okuw sapaklarda, terbiýeçilik sagatlarynda hem netijeli işler alnyp barylýar.




«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ylym, bilim ulgamynda giň mümkinçilikler döredilýär. Şundan ugur alyp, ýaşlar bilim öwrenmegi, täze hünärlere eýe bolmagy maksat edinýärler. Hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän beýik işleri ýaş nesilleriň watansöýüjilik ruhunda terbiýelenmegi, giň dünýägaraýyşly, döwrebap hünärli bolmaklary ugrunda uly mümkinçilikleri açýar.

Häzirki wagtda döredijilikli zähmet çekmek, öňdebaryjy tehnologiýalara ussatlyk bilen erk etmek türkmen ýaşlarynyň durmuş ýörelgesine öwrüldi. Munuň özi röwşen geljegimiziň berk binýadydyr.

**Jennet HATAMOWA,**
**Aşgabat şäherindäki 19-njy orta mekdebiň müdiri.**

# BEÝIK IŞLERIŇ BEÝANY

***Hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary esasynda eziz Watanymyz gülläp ösüşleriň ýolunda bedew bady bilen öňe barýar. 2026-njy ýyl Türkmenistanyň taryhyna belent maksatlaryň we milli buýsanjyň dabaralanýan ýyly hökmünde girdi. Bu ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylmagynda ymgyr many bar. Bu şygar özünde ýurdumyzyň döwletlilik binýadyny, hemişelik Bitaraplygynyň ýörelgelerini we asyrlara barabar ösüşleri batly gadamlar bilen amala aşyrýan halkymyzyň myratly menzillerini jemleýär.***




Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllygynyň bellenilýän ýylynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda bedew batly ösüşler gazanylýar. Ýylyň ilkinji aýlarynyň netijeleri boýunça jemi içerki önümiň ösüşiniň durnukly saklanmagy, ýurdumyzda sanly ykdysadyýetiň we innowasion tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy munuň aýdyň subutnamasydyr.

Medeni diplomatiýanyň rowaçlanyp, parahatçylygyň we dost-doganlygyň berkidilmegi «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylyna mahsus aýratynlyklaryň biridir. Häzirki döwürde Türkmenistan özüniň parahatçylyk söýüjilikli syýasaty bilen dünýä halklarynyň arasynda dostlugyň merkezine öwrülýär. Bu ýylda dürli medeni festiwallaryň, sport ýaryşlarynyň we ylmy forumlaryň guralmagy medeni köprüleri berkidýär. Bu bolsa ýurdumyzyň halkara abraýynyň belende galmagyna we dünýä ýurtlary bilen özara bähbitli gatnaşyklaryň has-da berkemegine ýardam edýär. Aýratyn-da, ýaş nesliň döwrebap bilim almagy, ylym we sport bilen meşgullanmagy üçin döredilýän şertler geljegimize bolan ynamy berkidýär. Ýaşlaryň sanly tehnologiýalar, innowasion taslamalar boýunça halkara bäsleşiklerdäki ýeňişleri guwandyrýar.

Halkymyzyň milli buýsanjy, göz guwanjy bolan behişdi bedewler hem bu ýylda aýratyn hormata eýe bolýar. Bu günki günlerde milli gymmatlyklarymyza, behişdi bedewlerimize bagyşlanyp dürli wagyz-nesihat çäreleri geçirilýär. Şeýle çäreler ähli ildeşlerimiziň, hususan-da, ýaşlaryň asyrlary aşyp gelen milli gymmatlygymyza bolan höwesini artdyrýar, dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni türkmen medeniýetine çekýär.

Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary esasynda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýen şygar astynda halkymyz agzybir zähmet çekip, özüniň beýik geljegini gurýar. Parahatçylyk, ynanyşmak we ösüş biziň esasy ýörelgämiz bolup, Türkmenistanyň täze eýýamdaky ösüşleri dünýä ýaýylýar.

**Gunça MUHAMMEDOWA,**
**Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň döwlet kitaphanasynyň kitaphanaçysy.**

Usulyýet — sapagyň esasy

# SAPAKDA KÄMIL USULLARDAN PEÝDALANMAK

Türkmen dili dersinden ýokary synplarda «Çekimli sesleriň orfoepiýasy, olary dürs aýtmagyň medeniýeti» diýen tema boýunça gyzykly sapaklary guraýarys. Türkmen diliniň döwlet dili hökmünde özüniň baş hyzmatyny iki görnüşde: sözleýiş dili hem ýazuw dili görnüşlerinde ýerine ýetirýändigi barada okuwçylara geçilenleri gaýtalamak boýunça ýatladýarys. Ene dilimiziň sözleýiş we ýazuw görnüşiniň hersiniň özüne mahsus aýratynlyklarynyň bardygy dogrusynda durup geçýäris. Sözleýiş diliniň aýratynlyklarynyň dil biliminiň orfoepiýa bölüminde öwrenilýändigini ýene-de bir gezek nygtaýarys. Şol bir wagtda hem iki okuwçynyň synp tagtasynda sözleýiş diline we ýazuw diline degişli bolan on sany sözlemi ýazmaklaryny tabşyrýarys. Okuwçylaryň ýazan sözlemleriniň many we gurluş taýdan dogrudygyny synpyň okuwçylary bilen bilelikde seljerýäris. Soňra çekimli sesleriň orfoepiýa bilen bagly täsirleri barada durup geçýäris.

Ýazuwda dokuz harp bilen ýazylsa-da, edebi dilimizde many tapawutlandyrmaga ukyply sekiz sany gysga, sekiz sany uzyn aýdylýan a, a:, o, o:, y, y:, i, i:, ö, ö:, u, u:, ü, ü:, e, ä ýaly 16 sany çekimli ses bardyr. Olaryň uzyn ýa gysga aýdylmagynyň sözleriň manysyny üýtgedýändigini okuwçylara öwredýäris we sözlemlere ýüzlenýäris. Meselem, *pil* sözüni uzyn çekimli bilen *pi:l* diýip hemişe aýdyp bilmeris, sebäbi uzynlyk, gysgalyk aýdylyş äheňi bolmasa, onda «*Piliň* gulagynda uklamak» durnukly söz düzüminiň deregine «*Pi:liň* gulagynda uklamak» diýsek, bolup geçen wakadan habarsyz galmak manysyny bermez.

Soňlary çekimli sesler bilen gutaran guzy, geçi, ata, düýe, ene... ýaly atlara birinji we ikinji şahsyň degişlilik goşulmalary, eýelik, ýöneliş, ýeňiş düşüm goşulmalary goşulanda, olar «*guzyým*» (guzym), «*guzyýnyň*» (guzynyň), «*guza:*» (guza), «*guzyýny*» (guzyny), «*geçiým*» (geçim), «*geçiýniň*» (geçiniň), «*geçä:*» (geçä), «*geçiýni*» (geçini) ýaly aýdylýandygyny nygtaýarys. Synp tagtasynda üç sany okuwçynyň *ata, ene, düýe* sözlerini birinji we ikinji şahsyň degişlilik goşulmalaryny, eýelik, ýöneliş, ýeňiş düşüm goşulmalaryny goşup, ýazmaklaryny tabşyrýarys we gönükmeler üstünde işleýäris.

Gönükmelerden soňra bolsa, okuwçylar bilen tema boýunça çekimli sesleriň uzyn we gysga aýdylmagyna degişli bolan sözler boýunça sözlük diktantynyň üstünde hem işleýäris. Bu usul okuwçylaryň täze temany özleşdirmekleri üçin has ygtybarly usullaryň biridir.

**Annajemal KAKAÝEWA,**
**Daşoguz şäherindäki 8-nji orta mekdebiň mugallymy.**



# KÖRPELERIŇ SÖZLEÝŞINI ÖSDÜRMEK

Mekdebe çenli çagalar edaralarynyň öňünde goýlan esasy wezipeleriň biri çagany mekdebe taýýarlamakdyr. Körpäniň dogry, kämil sözleýşiniň bolmagy olaryň mekdebe taýýarlygyny görkezýän esasy görkezijileriniň biridir.

Çagalaryň sözleýşini ösdürmek üçin «Haltajyk» diýen öwrediji oýny guramak mümkin. Matadan tikilen haltajygyň içine çagalar üçin aýdylyşy kyn bolan sözler bilen atlandyrylýan oýnawaçlary salmaly. Soň körpeleri ýeke-ýekeden çagyryp, haltajykdan oýnawaçlardan birini çykardyp, onuň adyny aýtdyrmaly. Çaga gurjagy haltajykdan çykaryp, «Bu gurjak» diýýär, bu sözde «r» sesi çagalaryň köpüsi üçin aýtmasy örän kyn ses. Olar «r» sesiniň ýerine «l» ýa-da «ý» sesini aýdýarlar. «Horaz» sözünde «z» sesine derek «ž» sesini «pişik» sözünde «ş» sesine derek «s» sesini aýdýarlar.

Bu oýun çagalaryň ählisi bilen oýnalýar. Olar bu oýny höwes bilen oýnaýarlar. Terbiýeçi körpäniň sözleýşindäki kemçilikleri olara duýdurmazdan, özüne bellik edýär. Sözleýşinde kemçiligi bolan çaga bilen aýratynlykda işlemeli, bu usul ony kemsitmezlik üçin ulanylýar. Şonuň üçin her bir çaga aýratyn çemeleşmeli. Sözleýşinde kemçilik bolan körpelere köpräk sanawaçlary, matallary, ýaňyltmaçlary ýatdan öwredip, olary labyzly aýdyp bermeklerini gazanmaly.

Sözleýşiň görnüşleri çagada irki ýaşlaryndan kemala gelmelidir. Sözleýiş endikleriniň binýady (dialog, monolog, gürrüň bermek, hekaýa düzmek, suratlandyrmak) berkden tutulmalydyr. Sözleýiş iki görnüşden ybaratdyr. Birinjisi dilden we ýazmaça sözleýşe düşünmek, ikinji görnüşi öz pikiriňi erkin ýazmaça we dilden beýan edip bilmekdir. Biziň wezipämiz körpelere mekdep durmuşynda zerur boljak sözleýşiň şu iki görnüşi boýunça ilkinji başarnyklaryň mekdebe çenli döwürden öwredilmegini ýola goýmakdan ybaratdyr.

Dialog iki we birnäçe adamyň arasyndaky gürrüň we gepleşikdir. Interaktiw usulyň esasynda dialog hyzmatdaşlygy durýar. Dialog hyzmatdaşlygy çaganyň döredijilikli göz öňüne getirmesini ösdürýär, olaryň öz pikirini erkin aýtmagyna mümkinçilik berýär. Erteki sahnalaşdyrylanda, gahrymanyň häsiýetli aýratynlygyna görä (sesiniň bady, sözleýşiniň tempi), körpä sözleri heňi bilen aýtmak düşündirilýär. Dialog hyzmatdaşlygy — bu çagalaryň toparlarynyň arasyndaky özara hyzmatdaşlygydyr.

Monolog — bu bir adamyň sözleýşidir. Bu hili sözleýiş çaganyň sözleýiş başarnyklarynyň kämil bolmagyna, onuň öz pikirlenmesini beýan edip bilmegine ýardam edýär. Çaganyň sözleýşinde dialog hem, monolog hem öz ornuny tapmalydyr.

Gürrüň edip bermek, hekaýa etmek arkaly baglanyşykly sözleýiş ösýär. Hekaýa etmegi öwretmek gören, eşiden zatlaryny gürrüň berdirmekden, gysgajyk edebi eserleri okap berip, şol baradaky pikirlerini bilmekden, sorag-jogap alyşmakdan başlanýar, soňra suratlar arkaly hekaýa etmäge geçilýär.

Sapaklarda peýdalanylýan, oýlanyşykly pikirlenmegi talap edýän ýumuşlar çagalaryň durmuş bilen baglanyşykly oýunlar dünýäsine aralaşmagyna ýardam edýär. Oýunlar arkaly çaganyň akyl, sözleýiş taýdan ösüşi kämilleşýär. Olarda synçylyk, ugurtapyjylyk, kynçylygy ýeňip geçmek ýaly häsiýetler kemala gelýär .

Oýun çaganyň daşy-töweregini gurşap duran hakykatdan has-da gyzykly bir dünýä bolup görünýär. Çaga oýunlarda durmuş hakykatyny öz çaga düşünjesi arkaly şöhlelendirmegi başarýar.

**Jennet SÖÝÜNOWA,**
**Aşgabat şäherindäki 162-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.**

# OKUWÇYLARA HASAPLAMAGY ÖWRETMEK

Başlangyç synplarda okuwçylara sowat we matematikanyň ilkinji düşünjeleri öwredilýär. Bu babatda başlangyç synp okuwçylary sanamagy, goşmagy, aýyrmagy özleşdirýärler. Başlangyç synpda okuwçylar biliminiň ilkinji basgançaklaryny geçýärler. Şonuň üçin hem bu işleri sazlaşykly alyp barmak, sapagy usuly taýdan dogry guramak esasy wezipeleriň biri bolup durýar. Sa-



pagyň dowamynda okuwçylara multimedia tagtasynda dürli surat şekillerini, slaýdlary görkezmek örän netijeli usul hasaplanýar. Özi hem bu şekiller okuw kitabyndan peýdalanyp taýýarlananda has-da täsirli bolýar.

Sapagy guramaçylykly geçmek, okuwçylaryň dünýägaraýşyny ösdürmek mugallymyň baş maksady bolup durýar. Hut şu nukdaýnazardan, mugallym sapaga oňat taýýarlyk görýär, slaýdlaryň şekillerini multimedia tagtasynda ýerleşdirýär. Okuwçylar bilen sowal-jogap arkaly degişli mysallary çözýär. Mysallary çözmeklige okuwçylar özbaşdak hem çemeleşýärler. Olar depderlerine bellän mysallaryny özbaşdak işläp, depderlerine ýazýarlar. Bu olaryň bilim öwrenmekdäki höwesini has-da artdyrýar.

Sapakda okuwçylaryň ýatdan hasaplamak endiklerini hem ösdürýäris. Bu babatda dürli amallary, mysallary multimedia tagtasynda beýan edýäris:

17+15;
32–16;
35+16;
63+28.

Okuwçylar bu amallary ýatdan hasaplap, dogry jogabyny aýdýarlar. Her bir okuwçy multimedia tagtasyndaky mysaly ýatdan işleýär. Bu olaryň sapaga bolan işjeňligini has-da artdyrýar. Okuw kitabyndan şeýle meseläni hem getirmek bolar:

«Maralyň okaýan kitabynda 67 sahypa bar. Kitaby okap gutarmak üçin 39 sahypa galan bolsa, Maral kitabyň näçe sahypasyny okapdyr?».

Okuwçylar 67 sandan 39 sany aýyrýarlar we meseläniň dogry jogabyny tapýarlar. Sapagy şeýle işjeň ýagdaýda guramak okuwçylaryň hasaplamak endigini artdyrýar, matematikadan düşünjelerini ösdürýär.

**Şadyýan HUDAÝBERDIÝEWA,**
**Halaç etrabyndaky 2-nji orta mekdebiň mugallymy.**

# DIL BILIMINIŇ ÄHMIÝETI

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzda ylym-bilim ulgamy döwrebap derejede ösdürilýär. Häzirki ajaýyp döwrümizde bilim ulgamynda daşary ýurt dillerini çuňňur öwrenmek esasy wezipeleriň biridir. Bu babatda daşary ýurt dillerini suwara bilýän hünärmenleri taýýarlamak işleri ileri tutulýan ugurlaryň biridir.

Ýurdumyzda daşary ýurt dillerini kämilleşdirmek işi olary okatmagyň üznüksizligi, kommunikatiw (aragatnaşyga ugrukdyrmak), interaktiw (özara işjeňlige ugrukdyrmak), innowasion bilim tehnologiýalaryny giňden peýdalanmak ýaly häzirki zaman bilim ýörelgelerine esaslanýar.

Daşary ýurt dilleri öwredilmäge başlanmazdan öň, ýaş nesilde bu dili öwrenmäge höwes döretmelidir. Mysal üçin, orta mekdeplerde rus dilini okuwçylara öwredenimizde, ilki bilen, bu dilde gürlemäge, okamaga, ýazmaga höwes döredýäris. Munuň üçin öwrenilýän diliň taryhy-medeni baýlyklaryny olara giňişleýin öwredýäris. Häzirki zaman ýagdaýy bilen baglanyşyklylykda, okuwçylara dil taýýarlygynyň häzirki zaman dün-




ýäniň medeniýetleriniň aragatnaşyk guraly hökmünde çykyş edýändigini düşündirýäris. Şunda okatmagyň mazmunynyň medeniýetara düzüjileri bolan ähli komponentlerini hasaba almak zerurdyr.

Orta mekdepleriň 8-nji synpynda rus dili sapaklarynda okuwçylara sözlem düzmegiň, sözlemiň eýesi bilen habarynyň aýratynlyklary barada giňişleýin düşündirilýär. Sözlemiň baş agzalary bolan eýe bilen habaryň ylalaşyp gelşi bilen baglanyşykly kesgitlemeleri multimedia tagtasynda ýerleşdirýäris we okuwçylar bilen bilelikde olary çuňňur özleşdirýäris. Sözlemde eýe bilen habaryň many hem-de grammatik taýdan ylalaşyp gelmegi esasy şert hasaplanylýar.

Bu kesgitlemeleri özleşdiren okuwçylar rus dilinde sözlem düzmegi, sözlemde sözleriň tertibine, sözlemiň baş agzalarynyň özara baglanyşygyna, tekstde sözlemleriň many taýdan yzygiderliligine doly düşünýärler.

Sapagyň dowamynda geçilen tema degişli gönükmeleri ýazýarys, dilden sözlemleri düzýäris, tekstleri okaýarys. Sorag-jogap alyşmak arkaly bolsa, geçilen temalary gaýtalap berkidýäris. Munuň özi okuwçylaryň rus dilini çuňňur özleşdirmeklerinde netijeli hem-de oňat usullardyr.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen bilim ulgamyna häzirki zaman döwrebap tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy okuwçylaryň daşary ýurt dillerini çalt hem ýeňil özleşdirmeklerine ýardam edýär. Orta mekdeplerde daşary ýurt dili sapaklary interaktiw tagtalaryndan, işjeň usullardan, okuw-görkezme esbaplaryndan ýerlikli peýdalanyp geçilende, has oňat netije berýär.

**Ogulsuraý REJEPOWA,**
**Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen mekdep-internatynyň mugallymy.**

## Buýsançnama




*Bedew batly Watanymda,*
*Säher daňlar atanynda,*
*At-myratly mekanynda,*
*Beýik ösüşlere buýsanç.*

*Ösüşlere joşýar göwün,*
*Nura beslensin ýolumyz.*
*Ilimiz bagtyýar bu gün,*
*Beýik ösüşlere buýsanç.*

*Günüň dogşun sylyp ýüze,*
*Yhlas bilen bakyp Güne,*
*Buýsanýas il-günümize,*
*Beýik ösüşlere buýsanç.*

*Uzasyn doganlyk ýoly,*
*Watanymyz şöhrat-şanly,*
*Ýürekler buýsançdan doly,*
*Beýik ösüşlere buýsanç.*

*Agzybir il bagta barar,*
*Rysgalyňyz çogar durar,*
*Köpüň dilegi köl bolar,*
*Beýik ösüşlere buýsanç.*

*Saglykdan bogup çemeni,*
*Asudalygyň ýaňyny,*
*Çalyň siz bagtyň sazyny,*
*Beýik ösüşlere buýsanç.*

*Gün dogsun öz nury bilen,*
*Çoýsun kalby çogy bilen,*
*Tutuş türkmen ili bilen,*
*Beýik ösüşlere buýsanç.*

*Daňymyz asuda atsyn,*
*Her kim arzuwyna ýetsin,*
*Maksat tutan myrat tapsyn,*
*Beýik ösüşlere buýsanç.*

**Myratmuhammet MYRADOW,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.**

## Köňülde beslenen ynam

(Hekaýa)

*Tehnologiýa, sanly ulgama erk etmek mekdebimizde giň gerim alypdy. Mugallymlarymyzyň, aýratyn-da, Batyr mugallymyň okadýan dersleri tehnologiýa bilen baglanyşyklydy. Onuň okadýan dersinde özümize nätanyş başga dünýä bilen tanyş bolýarsyň.*

*Batyr mugallym multimedia tagtasyndan netijeli hem işjeň peýdalanýardy. Onuň aýtmagyna görä, dersi multimedia tagtasynda düşündirmek okuwçynyň tema oňat düşünmegine, bilimini özleşdirmegine kömek edýärdi.*

*Sanly ulgam iň ýakyn hemrama öwrüldi. Çünki iňlis dilini öwrenmäge başladym. Günleriň birinde Batyr mugallym ýanyma geldi. Ol:*

*— Golaýda mekdep okuwçylarynyň arasynda makala ýazmak boýunça bäsleşik geçirilýär. Her mekdepdenem bir okuwçy gatnaşmaly. Biziň mekdebimizden hem sen gatnaşarsyň — diýdi. Men oňa seredip: «Mugallym ömrümde bir gezek hem makala ýazyp görmedim» diýdim.*

*Mugallym maňa ynam bildirip:*

*— Sen hökman başararsyň! — diýdi.*

*Soňra bäsleşigiň şertini üns bilen okadym.*



*Ýurdumyzyň dürli ulgamlarynda geçirilýän özgertmeler, ýaşlary höweslendirmek, döredijilige itermek maksady bilen geçirilýän hekaýa, goşgy ýazmak boýunça bäsleşik makalama ylham çeşmesi bolup hyzmat edýärdi. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly ajaýyp kitabynda Diýarymyzyň bagtyýar ýaşlarynyň gazanan üstünliklerini görkezýän göze gelüwli suratlara seretdigimçe, aňymdaky pikirleri jemlemek şonça ýeňilleşýärdi. Şol gije makalamy ýazdym. Ertesi gün Batyr mugallyma tabşyrdym. Ol makalamy okandan gözleri uçganaklap gitdi.*

*— Tüweleme! Sen-ä žurnalist ekeniň! — diýip, öwgimi ýetirdi.*

*Birnäçe gündenem bäsleşigiň jemi jemlenildi. Mugallymlarym, synpdaşlarym daşymy gallap, ýeňşim bilen gutladylar.*

*Hawa, bu ýeňiş geljekde kämil hünärmen bolup ýetişmegime, ýurdumyzyň bedew batly ösüşine goşant goşmaga ruhlandyrdy. Çünki ýurdumyzda ýaşlara uly ynam bildirilýär. Bu ynamy ödemek her birimiz üçin mukaddes borçdur.*

**Akene MEJIDOWA,**
**Etrek etrabyndaky 5-nji orta mekdebiň mugallymy.**




## Watan

*Başa jyga-täjimsiň,*
*Baýlygymsyň, genjimsiň,*
*Ýaşap bilmen men sensiz,*
*Garaşsyz eziz Watan.*

*Aýak basan ýerlerimdir,*
*Oýnap gezen düzlerimdir,*
*Ilki saýran dillerimdir,*
*Garaşsyz eziz Watan.*

*Hemişe daýanjym sen,*
*Her ýerde guwanjym sen,*
*Bagtym hem buýsanjym sen,*
*Garaşsyz eziz Watan.*

*Ajap döwür, ajap çagym,*
*Sende geçdi çagalygym,*
*Gözeldir sähraň, daglaryň,*
*Garaşsyz eziz Watan.*

**Hurmagül KÖMEKOWA,**
**Saparmyrat Türkmenbaşy etrabyndaky 43-nji orta mekdebiň mugallymy.**

## BEHIŞDI BEDEWLERE BUÝSANÇ

***Halkymyzyň bäş müňýyllyga uzaýan taryhy ýyndam ahalteke bedewleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Türkmen atşynaslary, seýisleri zehinini, ukybyny asylly işe bagyş edip, bedewleriň tebigat bilen sazlaşygyny, jemgyýet bilen utgaşykly ösüşini kemala getirmegi başarypdyrlar. Hut şonuň üçin hem türkmen milli seýisçilik ýörelgeleri sungat derejesine göterilipdir. Pederlerimiziň ýörelgelerine ygrarly halkymyzyň atlara bolan söýgüsi netijesinde, bu gün behişdi bedewler dünýä medeniýetiniň gymmatlygyna öwrüldi.***

Nepis türkmen halylary, gelin-gyzlarymyzyň şaý-sepleri, maddy gymmatlyklarymyz ata-babalarymyzdan gelýän baý milli mirasymyzyň aýrylmaz bölegidir. Şolaryň hatarynda esasy orun eýeleýän ýyndam ahalteke bedewlerimiz bolsa milli buýsanjymyzdyr. Şoňa görä-de, «At — myrat» diýlişi ýaly, häzirki döwürde pederlerimizden miras galan seýisçilik sungatynyň döwrebap derejede ösdürilmegine möhüm ähmiýet berilýär. Bedew türkmeniň ruhy baýlygydyr. Sebäbi bedew bilen bagry badaşan ata-babalarymyz ony mukaddeslik derejesine ýetiripdirler. Türkmen edebiýatynda Magtymguly Pyragynyň, Mollanepesiň, Seýdiniň, Mätäjiniň şygyrlarynda türkmen bedewiniň waspy belentden ýaňlanýar. Türkmen halkynyň baý ruhy mirasynyň biri bolan «Görogly» şadessanynda ynsan bilen behişdi bedewiň arasyndaky sazlaşyk täsirli beýan edilýär. Gahryman Arkadagymyzyň «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Gadamy batly bedew», «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly ajaýyp kitaplary halkymyzyň gadymdan gelýän seýisçilik we atşynaslyk sungatynyň şöhratyny beýgeltmekde, alymlaryň hem-de seýisleriň bu ugurdaky alyp barýan işlerini utgaşdyrmakda uly ähmiýete eýedir.

Milli Liderimiz «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» atly kitabynda: «At — türkmen üçin hemme zat. Bu geçmişde-de, şu günlerem şeýle» diýip, ahalteke bedewiniň hemişe halkymyzyň gymmatlygy bolandygyny taryhy mysallar arkaly beýan edýär. Halkymyzyň gamyşgulak, kaddy-kamaty zyýada ýyndam bedewleri taryhyň ähli döwürlerinde meşhurlyk gazanypdyr. Ahalteke bedewleri hakyky gözelligi özünde jemleýän tebigatyň täsin gudraty bolup, her bir ynsany bendi edýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe behişdi bedewlerimiz ýaşyl ýaýlalarymyzyň, toý-baýramlarymyzyň ýaraşygyna, milli mirasymyzyň, dünýä medeniýetiniň genji-hazynasyna, halkymyzyň belent ruhunyň, döredijilik zehininiň nyşanyna öwrüldi.

**Han MUHAMMETKULYÝEW,**
**Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk institutynyň uly mugallymy.**

## HALYPA MUGALLYMYŇ SARPASY

***Bize öz perzendi kimin mähir siňdirip, eden ýagşy işimize «Berekella», bärden gaýdan ýerimizde bolsa «Azajyk yhlas etseň, has gowusy bolar» diýäge-de, sypaýyçylyk edýän mähriban mugallymlarymyza näçe sagbolsun aýtsagam bärden gaýdar. Mugallym diýlende, baryp-ha ak mekdebiň bosagasyndan ätlän günüm bilim berip başlan mähriban ynsan ýadyma düşýär. Annagül mugallym bilim bermäge bolan yhlaslylygy bilen ýüregimde aýratyn orun eýeläpdi. Onuň soňky jaň dabarasy gününde aýdan sözleri henizem gulagymda ýaňlanyp dur. «Sizi köp wagt bäri tanaýan diýsem-ä ýalňyş bolar. Men sizi az wagt bäri tanaýanam bolsam, ähliňizi öz jigim ýaly eý görýärin». Annagül mugallym ýaly mähriban mugallymlaryň ýurdumyzda köpdügi buýsandyryjy hakykat, ýöne bu käriň özüne ýetesi hupbatlarynyň bardygyny-da hiç kim inkär etmese gerek.***

Dogrudan hem, agy-garany saýgarmaýan alty ýaşlyja körpäniň dünýäsine aralaşyp, özüne düýpgöter nätanyş harplary okamagy, ýazmagy öwredip başarmak ýeňil iş bolmasa gerek. Mugallymçylyk käriniň ýeňil-ýelpaý kär däldigini (aslynda, hiç bir käriň aňsat kär däldigini) bilsemem, «Bir gün mugallym bolaryn» diýen belent arzuwymdan el çekip bilmedim. Hamala, bu arzuwymy duýan ýaly, ykbal meni Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň gapysyndan eltdi. Üç ýyl şol ýerde hünär öwrenip, «terbiýeçi» diýen mukaddes ada eýe bolanymda bolsa, iň ajaýyp düýşüm hakykat bolan dek begendim.

Eýsem, bu ada eýe bolmak meniň üçin näme sebäpden beýle mukaddeskä?

Heniz ýaňy ýörjen-ýörjen bolan körpejäniň ene-atasyndan hemem oýunjaklaryndan ybarat bolan dünýäsine ýene bir dünýä gelip goşulýar. Ol çagalar bagy. Çaga özüne düýpgöter nätanyş bolan bu ýere gelende birbada aljyraýar, özüni ýitirýär. Birdenkä-de, terbiýeçisine gözi düşýär. Ýüzi ýylgyryp duran mähriban terbiýeçisi çaganyň ýanyna gelýär, saçlaryny sypaýar, hoşamaý sözleri aýdýar, oýunjaklary bilen oýnaýar. Şonda çaganyň ýüregi ynjalyp, rahatlyk tapýar. Sebäbi bu ýerde-de çaga edil öýündäkisi kimin ezizlenjegini duýýar. Bu ýerde-de edil ejesi kimin söýüp-ezizlejek mähriban ynsanyň bardygyna düşünýär.



Edil şunuň ýaly ýagdaý mekdebe baran çagada-da gaýtalanýar. Işine ezber, mähriban, alçak mugallymdan edep-terbiýe alan okuwçylar uzagyndan durmuşda tejribe ýüki ýeten kämil adamlar bolup ýetişýärler.

Mugallymyň sowatlylygy, sözleýşi, özüni alyp barşy okuwçynyň geljekde durmuşda öz ornuny tapmagyna, hünär saýlamagyna täsirini ýetirýär.

Mugallym nähili ukyp-başarnyklara eýe bolmalyka?! Mugallym öz bilýän zatlaryny okuwçylar bilen doly we dogry paýlaşyp bilmeli. Her bir okuwçysy bilen içgin gyzyklanmak, olar bilen gürrüňdeş bolmak mugallymyň wezipesi. Okuwçylarynyň şahsy başarnyklaryny (mysal üçin, surat çekmek, aýdym aýtmak, goşgy düzmek) ýüze çykaryp, olary ösdürmegine kömek etmek hem mugallymyň paýyna düşýän borçlardan biri bolup durýar. Hakyky mugallym sypaýylyk, hoşamaýlyk bilen okuwçynyň ýalňyşyny düşündirip, sapagyna yhlasly çemeleşmegini gazanýar. Bilimli, tertipli, asylly, jemgyýetiň ösüşlerine goşant goşýan kämil ýaşlary ýetişdirmek ugrunda zähmet çekýän mugallymlara Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň, il-halkymyzyň, galyberse-de, ene-atalaryň ynamy uludyr. Şeýle beýik ynamy ödäp bilýän zähmetsöýer mugallymlary görenimde, şeýle setirler biygtyýar kalbyma dolýar:

*Heňňamlar aýlanar, döwür özgerer,*
*Şonda-da soralar ahwalyň-halyň.*
*Öňüňde baş egmek borjumdyr meniň,*
*Hem sarpaly, hem mähriban mugallym!*

**Mahym NURGELDIÝEWA,**
**Gökdepe etrabyndaky 18-nji çagalar bagynyň terbiýeçisi.**

## BERJAÝ EDILMELI DÜZGÜNLER



Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugy döwrebap ýangyn söndürijiler, ýöriteleşdirilen tehnikalardyr beýleki zerur bolan enjamlar bilen yzygiderli üpjün edilýär. Bu asylly işler ýurdumyzda Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugynyň maddy-tehniki binýadyny berkitmek, gullugyň işgärleriniň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak ýaly möhüm meseleleriň çözgüdini özünde jemleýär.

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugynyň işgärleri tarapyndan ilatly ýerlerde, eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, ykdysadyýet desgalarynda, obasenagat toplumlarynda ýangynlaryň öňüni alyş çäreleri, wagyz-nesihat işleri yzygiderli geçirilýär. Mähriban ildeşlerimiziň howpsuz zähmet çekmekleri üçin ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmegi ýatladýarys.

Häzirki döwürde elektrik togy bilen işleýän dürli görnüşdäki enjamlar giňden ulanylýar. Şol elektrik enjamlarynyň birikdirijileriniň gyzmaklygynyň öňüni almak üçin olaryň berk gysylyp durmagyny üpjün etmeli. Elektrik enjamlarynyň gurluş düzgünleriniň talaplaryna laýyk gelmegini hemişe gözegçilikde saklamaly. Gorag enjamlarynda, elektrik ulgamlarynda öňüni alyş, abatlama, duýduryjy işleriniň öz wagtynda geçirilmegini üpjün edip, dürli hadysalara getirip biljek bozulmalary öz wagtynda düzetmeli. Gorag enjamlarynyň gysga tok utgaşmasyna, aşa agram düşmezligine, uly geçiş garşylygyna, toguň derejesiniň aşa köpelmegine, şeýle-de elektrik enjamlarynyň beýleki kadasyz iş tertibine hemişe gözegçilik etmeli.

Elektrik togy bilen işleýän enjamlar ulanylanda, ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmek bolup biläýjek dürli nogsanlyklaryň öňüni alar.

**Begmyrat GURDOW,**
**Ahal welaýatynyň Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlygy bölüminiň uly gözegçisi, içerki gullugyň kapitany.**

ABUNA — 2026

### HORMATLY OKYJYLAR!

**«Mugallymlar gazeti» gazetiniň elektron görnüşine «turkmenmetbugat.gov.tm» internet sahypasynda hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysynda «Merkezi gazet-žurnallar we welaýat gazetleri» bukjasyndan ýazylyp bilersiňiz. Elektron görnüşine ýazylmak üçin telefon belgimiz: 39-96-40.**



XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR
MUGALLYMLAR GAZETI
ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Baş redaktor
Söhbet NURBERDIÝEW

BIZIŇ SALGYMYZ:
Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.

TELEFONLARYMYZ:
kabulhana — 38-61-53; jogapkär kätip — 39-96-40.
E-mail: mugallymlar-gazeti@sanly.tm
BÖLÜMLER:
syýasat — 39-96-39; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-47; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-42; habarçy hatlar — 39-96-48; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe günleri çykýar.

SANY - 18400.

4 833001 500073

Bahasy 30 teňňe.

Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 2 ç.k. A-118639

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.